Türkmenistanyň Bilim ministrligi
Türkmenistanyň Milli bilim instituty



# Çagalar baglarynda okatmagyň usullaryny we serişdelerini kämilleşdirmek



*Ogulmaral Matalowa, Türkmenistanyň Milli bilim institutynyň Mekdebe çenli terbiýe we başlangyç bilim bölüminiň müdiri.*





# KLASTER


kwadrat
tegelek
köp-
burçluk
Geo-
metrik
şekiller
süýri
(owal)
gönü-
burçluk
Üçburç-
luk

Logiki, matematik we ylmy pikirlenmeleriniň ösüşi, şeýle-de dünýä, daş-töwerek baradaky düşünjeler, ondaky arabaglanyşyklar diňe mekdebe taýýarlamakdan başga-da, çaganyň kemala gelmeginde esas bolup durýar. Çaganyň akyl ösüşi onuň gündelik durmuşyna mahsusdyr. Ol kabul ediş arkaly çagalaryň akyl ýetirmek, maglumaty özleşdirmek, peýdalanmak işleridir. Çagalaryň psihologik ukyplarynyň ösüşi fiziki we sosial gurşaw bilen arabaglanyşygyna bagly bolup, çagalar onuň üsti bilen täze düşünjeleri düzýärler, olary ýüze çykarýarlar. Bu proses okatmak prosesi arkaly köp ýol bilen amala aşýar: sözleýiş, logiki pikirlenmek, giňişlik düşünjesi, döredijilikli, sazly pikirlenme, beden maşklary we ş.m. Çagalar bagynda çagalar induktiw pikirlenmäniň ilkinji başarnyklaryny edinýärler. Üçburçlugyň emele gelşi baradaky düşünjeler bu induktiw pikirlenmedir (bölekden bitewiniň emele gelmegi).



Üç depesi, üç burçy, üç tarapy bar durşy

Multimediýa tehnologiýalaryny ulanyp sapaklarda ertekileri peýdalanmak mümkinçiligi hem uludyr. Ertekiler esasynda taýýarlanýan ýumuşly slaýdlarda körpelere tanyş bolan gahrymanlaryň peýda bolmagy, ol ýerde goşgularyň, sanawaçlaryň, matallaryň ulanylmagy çagalaryň sözleýşiniň ösmegine-de ýardam edýär, dersara baglanyşygy guramaga-da mümkinçilik berýär. Slaýdlarda suratlaryň hereketlenmegi, seslenmegi çaga üçin gyzykly bolup, berilýän okuw maglumatlarynyň has çuňňur özleşdirilmegine ýardam edýär. Sapaklarda erteki gahrymanlary bilen baglanyşdyrylyp berlen meseleler çaganyň bilesigelijiligini has-da artdyrýar.






# Ertekiler, sanawaçlar, ýaňyltmaçlar, matallar halk döredijiliginiň görnüşleridir



# 2



1

2

## Ýaňyltmajy öwreniň!

# Bäşimiz bäş birlikdir, bäş birligmiz bäşlikdir






# 5



1
2
3
4
5








# 6









**Kim näçe düýp gül ekipdir? Olaryň hersi öz gülüniň sanyny 10-a ýetirmek üçin ýene näçe düýp gül ekmeli?**



# Jadyly öýjükler

Keseligine, dikligine
Sütünleýin, setirleýin.

10-luk sany çykarýandyr

Üns berip sany goýsaň.



Akpamykdyr Böwenjik
Hödürleýär bu oýny.

Jadyly öýjüklerde

Synap göräý, güýjüňi





O.A.MATALOWA, TMBI

**Atasy üç ýaşynda, ogly bazara gider. Bu nämekä? Kim bilmeşek!**





# Biliň, bu näme?

Üç depesi, üç burçy, üç tarapy bar durşy
Figuralaň arasynda haýsydyr ol iň berki?





O.A.MATALOWA, TMBI

Dört okaram hap-da, hap
Birin aç-da, birin ýap . Bu
nämekä? Bu nämekä? Kim
bilmeşek? Kim bilmeşek!



















Meniň tutan balygym ,
Sanap görsem 5 boldy.
Jigim janyň balygy,
Hanha, seret 3 sany.

Näçesin tutup bersem,
Meňki bilen deň borka?
Jigimem sanap görse,
Birden ýene kem bolsa?!

Gowusy, öz balygmyň
Birin oňa bereýin.
Ikimizde taýlyja,
Balyklary göreýin.



$$5-1=4$$



Jüýjeler jüýgüldeşip,
Aýdym aýtdylar üýşüp.
«Enemiziň ýanynda
Biz üçin hezil» diýşip.

Mataly biliň. Bir küýzede iki suw günde getirip berer.







Çepinde dört jüýjesi
Sagynda üç jüýjesi
Jemi näçe jüýjesi
Bar eken ol towugyň?



O.A.MATALOWA, TMBI

## Meseläni çözüň!

**Ördejikleň üçüsi**
**Enesi bilen ýüzüp ýör.**
**Galanlary kenarda**
**Garkyldaşyp gezip ýör.**

**Hany, aýt, Aýnajyk,**
**Jemi näçe ördek bar?**
**Hasapla-da, çaltrak**
**Meseläni çözüp ber.**



# Göz öňüne getirip meseläni çözüň

= 4

6 +

3 2

Gaýtalanýar şeýle bir ses:
«Ös, saçym, ös!», «Ös, saçym, ös!»
Ýalaňaçlap kellelerni,
Bökjekleşýär çaga bary:
Bökýär Merjen, bökýär Çary,
Bökýär Azat, bökýär Nary,
Bökýär Jahan, bökýär Aýlar.
Bil-dä, şu wagt näme bolýar?
Hemme çaga näçe bolýar?

Sanlary deňeşdirmek. Gyzyl tegeleklerde degişli sanlary ýazyň we sary tegeleklerde degişli belgileri goýuň!

= > <

